# Malaky pygamberiň kitaby

## Giriş

*Malaky pygamberiň kitaby* biziň eýýamymyzdan öň takmynan V asyrynda, ýagny Iýerusalimdäki ybadathana dikeldilenden soň ýazylypdyr diýip hasaplanylýar. Malaky pygamber halky Hudaýyň ähtine wepaly bolmaga çagyrýar. Ol ruhanalary we halky ýazgaryp, olaryň Hudaýa mynasyp tärde sežde etmeýändiklerini, Ony aldaýandyklaryny aç-açan aýdýar. Pygamber olaryň Hudaýyň taglymatyna eýermeýändiklerini, Ony sylamaýandyklaryny hem aýdýar. Malaky pygamber Rebbiň Öz halkyny päklemäge we oňa kazylyk etmäge geljekdigi, emma munuň öňýanynda Onuň üçin ýol taýynlajak we ähtini jar etjek bir wekilini iberjekdigi barada pygamberlik edýär.

**Mazmuny**

Ysraýylyň günäleri 1:1—2:16
Rebbiň jezasy we rehim-şepagaty 2:17—4:6

## 1-nji bap

1 Pygamberlik sözi. Malakynyň üsti bilen Rebbiň
ysraýyllara aýdan sözi.

### Rebbiň ysraýyllara bolan söýgüsi

2 Reb: «Men sizi ozaldan söýýärin» diýýär. Emma siz:
«Sen bizi nähili söýýärsiň?» diýip soraýarsyňyz. Reb şeýle
diýýär: «Ysaw Ýakubyň dogany dälmi näme? Men Ýakuby
saýladym, 3 emma Ysawy ret etdim. Onuň daglaryny
weýran etdim, mülküni çöl şagallaryna berdim».
4 Edomlylar: «Biz weýran edildik, ýöne weýrançylygy
dilkelderis» diýerler. Ýöne Hökmürowan Reb şeýle diýýär:
«Olar gurarlar, emma Men ýykaryn. Ýurtlarynyň erbet
ýurtdygyny, halkyna bolsa Rebbiň ömürlik gaharynyň
gelendigini hemmeler bilerler. 5 Muny öz gözleriňiz bilen
görüp: „Reb Ysraýyl serhedinden daşarda hem beýikdir!“
diýersiňiz».

### Reb ruhanylary ýazgarýar

6 Eý, Meniň adymy kemsidýän ruhanylar, Hökmürowan
Reb size şeýle diýýär: «Ogul atasyny, gul hojaýynyny
sylaýar. Eger Men ata bolsam, hany Maňa sylag-
hormatyňyz? Eger Men hojaýyn bolsam, hany siziň
Menden gorkyňyz?
Gaýtam siz: „Biz nädip Seniň adyňy kemsitdik?“
diýýärsiňiz. 7 Siz Meniň gurbanlyk sypamda haram
gurbanlyklar hödürläp, Meniň adymy kemsitdiňiz.
Siz ýene-de: „Biz nädip Seni haram etdik?“ diýip
soraýarsyňyz. „Rebbiň saçagyny kemsitsek hem bolar“
diýip, Meni haram etdiňiz. 8 Kör maly gurbanlyk etmek
dürsmüdir? Agsak ýa-da kesel maly gurbanlyk etmek
erbetlik dälmi? Şeýle maly öz häkimiňe bir eltip gör! Ol
senden razy bolarmyka, haýyşyňy ýerine ýetirermikä?
Muny Hökmürowan Reb diýýär. 9 Indi bize merhemet eder
ýaly, Hudaýa ýalbaryp bir görüň!? Şeýle gurbanlyklar
hödürläniňizden soň, Ol siziň soraýan zadyňyzy edermikä?
Muny Hökmürowan Reb aýdýandyr». 10 Hökmürowan
Reb şeýle diýýär: «Gurbanlyk sypamda biderek ýere
ot ýakmazyňyz ýaly, käşgä araňyzdan biri çykyp,
derwezeleri ýapsady! Men sizden razy däldirin. Indi Men
siziň eliňizden sadaka kabul etmerin. 11 Gündogardan
günbatara çenli milletler arasynda Meniň adym beýik
bolar! Ähli ýerde Meniň adyma ýakymly ysly tütetgi
ýakylyp, päk sadakalar hödürlener. Çünki milletler
arasynda Meniň adym beýik bolar. Muny Hökmürowan
Reb aýdýandyr. 12 Emma siz: „Rebbiň saçagy haramdyr,
çöregidir ir-iýmişini kemsitsek hem bolar“ diýip, Meniň
adyma ysnat getirýärsiňiz. 13 „Bu nähili irginlik!“ diýip,
siz muny äsgermezlik etdiňiz, Hökmürowan Reb diýýär.
Gurbanlyk hökmünde siz talanyp alnan, agsak ýa-da kesel
mal hödürleýärsiňiz! Ony Men kabul ederin öýdýäňizmi?
Muny Reb aýdýandyr.
14 Sürüsindäki goçy sadaka aýdyp, soňra onuň ýerine
Taňra maýyp-müjribi gurbanlyk berýän kezzaba nälet
bolsun! Çünki Men beýik Patyşadyryn, Hökmürowan Reb
diýýär. Milletler Meniň adymdan gorkýarlar».